Geologik kartalary gurmak we gazma baýlyklara gatnaşykda gelejekki meýdanlary bellemek maksady bilen geçirilýän, meýdandaky geologik barlaglaryň toplumyna geologik surata düşürme (kartalaşdyrma) işleri diýilýär. Geologik surata düşürme işleri, dag jynslaryň tebigy we emeli ýüze çykmalaryny, we olaryň düzümini, şejeresini, ýaşyny, ýatyş şertini kesgitlemek öwrenmekden durýar. Barlaglaryň häsiýeti surata düşürmegiň masştabyna bagly. Surata düşürme işleri ownuk, orta, iri masştably, hem-de jikme-jik görnüşlerine tapawutlanýar.Bu işler nusga alyş bilen bilelikde geçirilýär.
Uly galyňlykly ýer gabygyň geologik gurluşyny ýüze çykarmak, hem-de Ýeriň üstinden uly çuňlukda ýerleşýän haýsy-da bolsa bir struktur üstiniň (tektoniki näsazlaşyklaryň, platformanyň kristallik binýadynyň, gadymy dargama gabyklaryň üstleri) geologik kartasyny gurmak maksadyny alýan, çuňlaýyn geologik surata düşürme ösýär. Çuňlaýyn geologik surata düşürme, geofiziki we geohimiki usullaryň, burawlama, geomorfologik derňemegiň, aerofotosuratlary öwrenmegiň we başgalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar.
Geologik jisimleri we hadysalary öwrenmek, bellemek we geologik kartalary düzmek, geologik surata düşürmegiň esasy meseleleriň diňe biri bolup durmaýar, onuň başga-da wajyp meseleleri, bu geologik jisimler bilen bagly gazma baýlyklary gözlemek, ýerleşiş kanunlary öwrenmek we munyň esasynda geljekki meýdanlary bellemek bolup durýar.
Geologik surata düşürmegiň ýene-de bir meselesi (eger-de bu işler amala aşyrylýan ýa-da çaklanýan senagatde raýat gurluşygyň sebitlerinde geçirilýän bolsa) – bu gurluşygyň gidrogeologik we inžener-geologik şertlerini öwrenmek bolup durýar.

**Hüseýin BATYROW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024